Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.

# Biznes reklama

Hepdelik gazet | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Möçberi 16 sahypa | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi | 06.02.2023 | Duşenbe | №06 (1261)



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

3-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriniň jemleri jemlenildi, resminamalaryň birnäçesiniň taslamalaryna hem-de döwlet durmuşynyň möhüm meselelerine garaldy.

Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa parlamentiň şu ýylyň ýanwarynda ýerine ýetiren işleri hem-de Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlaryna taýýarlyk görlüşi barada maglumat berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň birinji aýynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüş depgini 6,2 göterime deň boldy. Ýanwar aýynda öndürilen önümleriň derejesi geçen ýylyň degişli döwründäkiden 5,8 göterim köpeldi. Ykdysadyýetiň ähli ulgamlarynda oňyn netijeler gazanyldy. Hasabat döwründe bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberi 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 9,5 göterim artdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Lebap welaýatynda iş saparynda bolýan Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, ýurdumyzyň welaýatlarynda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Mary welaýatynda iş saparynda bolýan Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow gurluşyk, senagat we energetika toplumlarynyň, «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň hem-de Aşgabat şäher häkimliginiň 2023-nji ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew gözegçilik edýän söwda we dokma toplumlarynyň ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, telekeçilik ulgamy tarapyndan 2023-nji ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 107,2 göterime, önüm öndürmegiň ösüş depgini bolsa 108,6 göterime barabar boldy.

Dokma senagaty ministrligi boýunça, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, nah ýüplügiň önümçiligi 107,7 göterime, nah matalaryňky 111,8 göterime, tikin we trikotaž önümleriniň önümçiligi 102,2 göterime, gön önümleriniň önümçiligi bolsa 117,9 göterime deň boldy.

Şu ýylyň başyndan bäri, «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň kärhanalarynda önüm öndürmegiň meýilnamasy 101,5 göterim berjaý edildi.

Döwlet haryt-çig mal biržasy boýunça ýanwar aýynda birža söwdalarynyň 25-si geçirilip, 2 müň 460 şertnama hasaba alyndy.

Söwda-senagat edarasy boýunça hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň ösüş depgini 155,8 göterime deň boldy.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça şu ýylyň ýanwar aýynda oba hojalyk we azyk harytlarynyň önümçiliginiň ösüş depgini 114 göterime, senagat önümlerini öndürmegiň ösüş depgini bolsa 106 göterime barabar boldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň bazarlarynda we söwda nokatlarynda halkyň gündelik sarp edýän önümleriniň, azyk harytlarynyň üpjünçiligini durnukly ýagdaýda saklamagyň, ilaty azyk harytlary bilen kadaly üpjün etmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmegiň wajypdygyny belledi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz dokma kärhanalarynyň netijeli işlemegini gazanmagyň möhümdigine ünsi çekip, wise-premýere bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamlarynda 2023-nji ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, çeper höwesjeň kollektiwlerine «Halk» adyny bermegiň tertibini we şertlerini tassyklamak hakynda Kararyň taslamasy barada hasabat berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow şu ýylyň ýanwar aýynda bilim, ylym, saglygy goraýyş hem-de sport ulgamlarynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ministrligiň şu ýylyň ýanwar aýynda alyp baran işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, ýanwar aýynyň deslapky netijeleri boýunça jemi içerki önümiň ösüş depgininiň 6,2 göterime deň bolandygyny, milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda durnukly ösüşiň gazanylandygyny aýtdy.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, häzirki döwürde senagat pudaklarynda önümçiligiň möçberini artdyrmak, kuwwatlyklary netijeli ulanmak, söwda we hyzmatlar ulgamynda işleriň gerimini giňeltmek boýunça zerur çäreleri durmuşa geçirmek möhümdir.

Eksport edilýän harytlaryň mukdaryny köpeltmek bilen, daşary söwda dolanyşygyny hem oňyn derejede üpjün etmek wajypdyr.

Döwlet býujetiniň girdejilerini we çykdajylaryny meýilleşdirilen möçberlerde amal etmek boýunça işleri mundan beýläk-de dowam etdirmek zerurdyr. Geçen aýda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna ýurdumyz boýunça özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi 2 milliard manatdan gowrak boldy. Bu bolsa, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde, 9,1 göterim artykdyr diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Ýylyň başyndan düýpli maýa goýumlary özleşdirmegiň möçberiniň ýokary bolmagy täze senagat desgalaryny işe girizmäge, önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmaga şert döretdi.

Bu bolsa ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga, sebitlerde goşmaça iş orunlaryny döretmäge mümkinçilik berer diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Pudak ýolbaşçylary tarapyndan işleriň belli bir derejede alnyp barylýandygyna garamazdan, heniz pudaklar we sebitler boýunça ýerine ýetirilmeli işler, amala aşyrylmaly çäreler we öňümizde duran wezipeler köp. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz indiki hepdede ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň we häkimleriň gatnaşmagynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň geçiriljekdigine ünsi çekdi.

Mejlisde geçen, 2022-nji ýylda alnyp barlan işleriň jemleri jemleniler, kabul edilen maksatnamalaryň we berlen tabşyryklaryň ýerine ýetirilişi seljeriler, döwlet dolandyryşy bilen bagly birnäçe beýleki meseleler ara alnyp maslahatlaşylar.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň jemini jemläp, ykdysadyýetimiziň pudaklarynda şu ýylyň ýanwar aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine we ençeme beýleki meselelere seredilendigini, pudaklary ösdürmäge gönükdirilen birnäçe resminamalaryň kabul edilendigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisini tamamlap, oňa gatnaşanlaryň ählisine berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny we berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy).

Şu sanymyzda


3-nji sahypada: **Syýasat** – Berkarar döwletimiziň ýaşlary bagtyýar

11-nji sahypada: **Горизонт** – История успеха Карлоса Слима Элу

13-nji sahypada: **Kitap we okyjy** – Kitaplarym, meniň eziz hemralam...

14-nji sahypada: **Üstünligiň taglymaty** – Nädip ynjalyksyzlygy bes etmeli we ýaşap başlamaly




4 833005 330010

Syýasat

# Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin göçme mejlisi

3-nji fewralda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralary tarapyndan 2022-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijelerine garaldy. Şeýle hem mejlisiň gün tertibine Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmäge, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, olaryň işini has-da kämilleşdirmäge degişli meseleler girizildi.

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, 2022-nji ýylda ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak boýunça durmuşa geçirilen çäreler barada hasabat berdi. Hasabatda durmuş ugurly meseleleri çözmek boýunça ýerine ýetirilen anyk işler, Ýaragly Güýçleriň düzüminden nobatdaky gezek ätiýaçlyga ugratmak hem-de Türkmenistanyň raýatlaryny harby gulluga çagyrmak boýunça her ýylda geçirilýän meýilnamalaýyn işleriň netijeleri barada aýratyn bellenildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinanyň çäklerinde durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeleriň möhüm ugurlarynyň biriniň bu düzümiň işini döwrüň anyk ýagdaýlaryna görä guramakdan ybaratdygyny nygtady.

Soňra Baş prokuror S.Mälikgulyýew 2022-nji ýylda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi. Şeýle hem prokuratura edaralaryna sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça görlen çäreler, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň tabşyrygy boýunça geçirilen barlaglaryň netijeleri barada habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, prokuratura edaralarynyň işini döwrüň talaplaryna laýyklykda guramagyň, öňdebaryjy tejribäni we sanly ulgamy ornaşdyrmagyň wajypdygyny belledi.

Soňra içeri işler ministri M.Hydyrow ýurdumyzda jemgyýetçilik düzgün-tertibini üpjün etmegiň we hukuk bozulmalarynyň öňüni almagyň, jenaýatçylyga garşy hereket etmegiň, ýangyn howpsuzlygynyň we ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmegiň çäklerinde geçen ýylda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, içeri işler edaralarynda jenaýatçylyga eltýän ýagdaýlary düýpli seljermegiň, olary emele getirýän sebäpleri we şertleri ýüze çykarmagyň, öz wagtynda aradan aýyrmagyň zerurdygyny belledi.

Ýokary kazyýetiň başlygy G.Ussanepesow ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan 2022-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijeleri, kazyýet ulgamyny ösdürmegiň Maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen durmuşa geçirilen çäreler, işde öňdebaryjy tehnologiýalaryň ulanylyşy, maddy-enjamlaýyn binýadyň we işgärler bilen üpjünçiligiň berkidilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlisi dowam edip, G.Ussanepesowy, başga işe geçmegi sebäpli, Ýokary kazyýetiň başlygy wezipesinden boşatmak hakynda Permana gol çekdi. Döwlet Baştutanymyz B.Hojamgulyýewi Aşgabat şäher kazyýetiniň başlygy wezipesinden boşadyp, ony Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy wezipesine belledi.

M.Söýünow, başga işe geçmegi sebäpli, Ýokary kazyýetiň başlygynyň orunbasary wezipesinden boşadyldy. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy T.Hudaýnazarowy Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrap kazyýetiniň başlygy wezipesinden boşadyp, ony Ýokary kazyýetiň başlygynyň orunbasary wezipesine belledi. Şeýle-de, başga işe geçmegi sebäpli, Ö.Muhammedow Ýokary kazyýetiň başlygynyň orunbasary wezipesinden boşadyldy.

Hormatly Prezidentimiz bu wezipä G.Hudaýberdiýewi belledi we ony Mary welaýat kazyýetiniň başlygy wezipesinden boşatdy.

Soňra milli howpsuzlyk ministri G.Annaýew ýolbaşçylyk edýän edarasynyň 2022-nji ýylda alyp baran işleriniň netijeleri hem-de ýurdumyzda parahatçylygy we asudalygy üpjün etmek boýunça görlen anyk çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisi dowam edip, başga işe geçmegi sebäpli, G.Annaýewi milli howpsuzlyk ministri wezipesinden boşadyp, degişli Permana gol çekdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew ýolbaşçylyk edýän goşun bölümleriniň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin ýurdumyzyň serhet goşunlaryny ösdürmegiň Maksatnamasyny berjaý etmegiň çäklerinde geçen ýyl alnyp barlan işleriň netijeleri, serhet bölümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak hem-de Watan goragçylary üçin talabalaýyk gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini döretmek babatda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň tabşyrygy boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz harby gullukçylaryň söweşjeň, beden, syýasy we ruhy-ahlak taýýarlygynyň derejesini ýokarlandyrmagyň möhümdigi barada aýdyp, düzümiň işgärler bilen üpjünçiligini pugtalandyrmalydygyny, sanly tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmalydygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, gullugyň ýolbaşçysyna anyk görkezmeler berildi.

Soňra adalat ministri M.Taganow milli kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça geçen ýylda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Şeýle hem ilata hukuk kömegini bermek, türkmenistanlylaryň hukuk taýdan sowatlylygyny artdyrmak boýunça durmuşa geçirilen çäreler barada habar berildi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew geçen ýylda ýerine ýetirilen işler hem-de üstaşyr geçýän ýüklere gözegçiligi amala aşyrmakda döwrüň talaplaryna laýyklykda, häzirki zaman usullary, iň täze tehnologiýalary ornaşdyrmagyň barşy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, talabalaýyk gümrük gözegçiliginiň guralmagyna, harytlaryň serhetden bikanun geçirilmeginiň öňüni almaga, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň möçberini ýokarlandyrmaga gönükdirilen daşary ykdysady işi gümrük taýdan düzgünleşdirmek boýunça çäreleriň görülmelidigine aýratyn ünsi çekdi. Bu ulgamda häzirki zaman maglumat tehnologiýalarynyň giňden ulanylmagy alnyp barylýan işleriň aýrylmaz düzüm bölegidir diýip, hormatly Prezidentimiz gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe tabşyryklary berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy N.Atagaraýew 2022-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijeleri, bu düzümi ösdürmegiň Maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek, işgärleriň netijeli gullugy üçin şertleri döretmek maksady bilen amala aşyrylan çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, N.Atagaraýewi, işde toplan tejribesini göz öňünde tutup, milli howpsuzlyk ministri wezipesine belledi we ony Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy wezipesinden boşatdy.

Soňra ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy B.Wolsahatowy Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy wezipesine belledi.

Soňra çykyş eden Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew döwlet Baştutanymyzy Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 81-nji maddasyna laýyklykda, ýurdumyzyň Mejlisiniň karary esasynda, goşun generaly diýen harby adyň dakylmagy bilen harby we hukuk goraýjy edaralaryň şahsy düzüminiň hem-de işgärleriniň adyndan tüýs ýürekden gutlap, Watan goragçylarynyň eziz Diýarymyza, mähriban halkymyza, hormatly Prezidentimize wepaly bolmak bilen, mundan beýläk-de jan aýaman gulluk etjekdiklerine ynandyrdy.

Mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedowa goşun generaly diýen harby at baradaky nyşan dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin göçme mejlisinde başga-da birnäçe meselelere garalyp, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow mejlisi tamamlap, hemmelere berk jan saglyk, abadançylyk, halkymyzyň asuda we bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan jogapkärli gulluklarynda uly üstünlikleri arzuw etdi.

(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy).

RESMI HABARLAR

## Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligine daşary ýurt kompaniýalary bilen şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berildi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynda alnyp barylýan özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmak, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň ýerden ýokary hasyl öndürmek ugrunda alyp barýan işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligine bugdaý ýygýan kombaýnlar, sürüm we bejergi traktorlary üçin ätiýaçlyk şaýlaryny, tigirleri, çalgy ýaglaryny, sarp ediş serişdelerini satyn almak barada daşary ýurt kompaniýalary bilen şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berildi.

## «Türkmengaz» döwlet konsernine degişli möçberdäki suwuklandyrylan gazy Özbegistan Respublikasyna muzdsuz bermek tabşyryldy

Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmak hem-de Özbegistana dost-doganlyk goldawyny bermek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Türkmengaz» döwlet konsernine degişli möçberdäki suwuklandyrylan gazy dost-doganlyk kömegi hökmünde Özbegistan Respublikasyna muzdsuz bermek tabşyryldy.

TÄZE NEŞIR

## «Arkadagly Ýaşlar» atly täze žurnalyň ilkinji sany




Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň «Arkadagly Ýaşlar» atly žurnaly elektron görnüşde okyjylara ýetirildi.

Täze neşir «Arkadagdan Arkaly biz» atly giriş makalasy bilen başlanýar. Makalada hem nygtalyşy ýaly, ýurdumyzyň ýaşlarynyň bagtyýarlygyny, Arkadag Serdarly döwletimizi dabaralandyrýan ýylda žurnalyň ilkinji sanynyň okyjylara gowuşmagy redaksiýanyň agzybir döredijilik işgärleri üçin belent mertebedir. Türkmenistanyň Gahrymany, şahyr Gözel Şagulyýewanyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar!» atly şygrynyň ýerleşdirilmegi täze neşir üçin şowly başlangyç boldy.

Täze neşiriň ilkinji sanynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň hünärmenleriniň we işjeň agzalarynyň gatnaşmagynda taýýarlanylýan geplešiklere hem aýratyn orun berildi.

Neşir ýurdumyzyň ýaş alymlarynyň ylmy gözleglerine hem sahypalaryndan orun bermegi meýilleşdirýär.

Täze neşirde döwrebap sanly ulgamyň mümkinçiliklerine, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň resmi web saýtyna, ýaşlaryň döredijiligine bagyşlanan makalalardyr söhbetdeşlikler öz ornuny tapypdyr. Okyjylar ýaşlaryň kanuny hukuklaryna, Gulbaba adyndaky çagalar baýragynyň ýaş nesliň döredijilik ruhuny artdyrmakdaky ornuna bagyşlanan makalalardan hem gyzykly maglumatlary öwrenip bilerler. Ýaş türkmen şahyrlarynyň goşgularynyň asyl nusgasy bilen olaryň iňlis dilindäki terjimeleriniň bilelikde ýerleşdirilmegi hem täsirli bolupdyr.

2023-nji ýylyň ýanwar aýynda Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 107,2 göterime, önüm öndürmegiň ösüş depgini bolsa 108,6 göterime barabar boldy.

Syýasat

# Pudagara toparyň mejlisi

3-nji fewralda Daşary işler ministrliginde Türkmenistanyň adam hukuklary we halkara ynsanperwer hukugy babatda halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa ýurdumyzyň Mejlisiniň, birnäçe ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Pudagara toparyň 2022-nji ýylda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri hem-de «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilen şu ýyl üçin öňde goýlan wezipeler mejlisiň gün tertibine girizilen esasy meseleler boldy. Mejlise gatnaşyjylar döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň adam hukuklaryny üpjün etmek, halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny berjaý etmek babatda işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça öňde duran wezipeleriň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar. Türkmenistanyň kanun çykaryjylyk ulgamynyň milli tejribeden we däplerden ugur alnyp, şeýle-de halkara tejribäni nazara almak esasynda, yzygiderli ösdürilýändigi bellenildi. Bu ugurdaky işler konstitusion kadalary häzirki döwrüň ýagdaýlaryna laýyk getirmek zerurlygy bilen baglylykda amala aşyrylýar.

Hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijelerini ara alyp maslahatlaşmagyň dowamynda çykyş edenler raýatlaryň kanuny bähbitlerini halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda goramagyň Bitarap Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýandygyny bellediler. «Türkmenistanda adam hukuklary boýunça 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň», «Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň», «Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2018 — 2022-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň», «Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi boýunça 2020 — 2025-nji ýyllar üçin Milli strategiýanyň», şeýle hem BMG-niň düzümleri we beýleki halkara guramalar bilen bilelikde amala aşyrylýan beýleki maksatnamalardyr taslamalaryň yzygiderli durmuşa geçirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Geçen ýyl bu düzümler bilen bilelikde oňyn işler alnyp baryldy, anyk netijeler gazanyldy.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» adam hukuklaryny üpjün etmegiň we raýat jemgyýetini ösdürmegiň wajyp şerti hökmünde adam maýasynyň eýeleýän ornuny pugtalandyrmagyň esasy ugurlary kesgitlenildi. Döwlet edaralarynyň bu babatda geçirýän işleriniň kämilleşdirilmegi, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna, durmuş ulgamyna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, täze iş orunlarynyň döredilmegi, kiçi we orta telekeçiligiň höweslendirilmegi, hususy pudakda iş bilen üpjünçiligiň giňeldilmegi ilatyň intellektual kuwwatyny amala aşyrmak üçin täze mümkinçilikleri açýar.

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesiniň wagyz edilmegine, olaryň watançylyk, zähmetsöýerlik, ýokary ahlaklylyk, raýat jogapkärçiligi ruhunda terbiýelenmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Pudagara topar milli kanunçylyk binýadyny halkara hukugyň kadalary bilen utgaşdyrmak boýunça teklipleri taýýarlaýar. Şunuň bilen baglylykda, hasabat döwründe geçirilen çäreleriň toplumy hukuk ulgamyny kämilleşdirmek hem-de Türkmenistanyň adam hukuklary we azatlyklary babatda halkara borçnamalaryny iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça ileri tutulýan wezipeleriň çözülmegine gönükdirildi. Şeýle hem toparyň esasy wezipeleriniň hatarynda Milli hasabatlary taýýarlamak we olary BMG-niň komitetlerine ibermek ýaly işler bar. Çykyşlarda bellenilişi ýaly, hasabat döwründe birnäçe konwensiýalary ýerine ýetirmek hem-de Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak boýunça Milli hasabatlar üçin teklipler taýýarlanyldy. Şunda Türkmenistanyň adam hukuklary we ynsanperwer hukugy babatda gazanan üstünliklerine üns berildi.

Pikir alyşmalaryň çäklerinde pudagara toparyň ileri tutulýan wezipelere laýyklykda, ilatyň hukuk bilim derejesini ýokarlandyrmak, hukuk maglumatlaryna elýeterliligi giňeltmek meselelerine uly üns berendigi nygtaldy. Toparyň iş meýilnamasynda kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça çäreleri ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde bellenilişi ýaly, adam hukuklaryny goramak babatda iň gowy dünýä tejribesini öwrenmek maksady bilen, halkara bilermenleriň gatnaşmagynda maslahatlary, iş duşuşyklaryny, geňeşmeleri geçirmek göz öňünde tutulýar.

TDH

ÝAŞLAR SYÝASATY

# Berkarar döwletimiziň ýaşlary bagtyýar

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Ata Watanymyzyň abraýyny, şöhratyny has-da belende galdyrmaga, halkyň eşretli durmuşda ýaşamagyna gönükdirilen tutumly işler watandaşlarymyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar. Gazanylýan üstünliklerde bolsa ýaşlaryň uly gatanjy bar. 2023-nji ýyly «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýip atlandyrmak barada öňe sürlen teklibiň tassyklanylmagy ähli watandaşlarymyzyň ýüreklerini joşa getirdi. Bu şatlykly wakanyň tutuş halkymyz tarapyndan uly ruhubelentlik bilen kabul edilmegi, bagtyýar zamanamyzy esaslandyran hem-de agzybir halkymyzy, ata Watanymyzy täze üstünliklere tarap alyp barýan Gahryman Arkadagymyza bolan belent hormatyň, Arkadagly Serdarymyza bolan çäksiz ynamyň nyşanydyr.

Hormatly Prezidentimiziň ata Watanymyzy gülledip ösdürmek, halkymyzy eşretli durmuşda ýaşatmak ugrunda alyp barýan tutumly işleri bir başa bakyp, bir maksada gulluk edýän agzybir halkymyzy belent sepgitleri eýelemäge ruhlandyrýar. Täze taryhy eýýamyň ajaýyp üstünlikleri Arkadagly Serdarymyzyň Gahryman Arkadagymyzyň döwletli başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýänligi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Ata Watanymyz Türkmenistany dünýäniň syýasy we ykdysady giňişligine işjeň goşmaga gönükdirilen ýurdumyzy ösdürmegiň täze taslamalaryna we ugurlaryna badalga berilmegi, ähli özgertmeleri halkymyzyň, şol sanda ýaş nesillerimiziň mynasyp durmuş şertlerini üpjün eder. Munuň özi durmuş abadançylygyny, jemgyýetimiziň ruhy kämilligini hem-de döredijilik, aň-paýhas taýdan şahsyýetiň öz ukyp-başarnyklaryny doly açmaga bolan mümkinçilikleri özünde jemleýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan ýurdumyzda ýaş nesillerimiz aýratyn uly üns bilen gurşalýar. Çünki bu günki ýaş nesil ata Watanymyzyň nurana geljegini gurujylardyr. 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» atly şygary türkmen halkynyň milli özboluşlylygyna kybap gelýär. Munuň özi ynsanperwer ýörelgeler bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, şol ýörelgeler bu günki günde hormatly Prezidentimiziň içeri we daşary syýasatynyň, döwletimiziň yzygiderli ösüşiniň esasyny düzýär. Gözel Diýarymyzyň gazanýan üstünlikleri, ýetýän belent sepgitleri hormatly Prezidentimiziň çuňňur, oýlanyşykly hem-de öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesidir.

Ýylyň baş şygarynyň mazmunynda nesil dowamatynyň hem-de ýaşlary Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyza çäksiz buýsanç we söýgi duýgusynda terbiýelemek babatdaky pikiriň bardygy üçin, bu hakykatyň nurana ertirlerimiziň şaýadyna öwrüljekdigine berk ynanýarys. Şeýlelikde, Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda yhlasly zähmet çekip, halk hojalygynyň ähli pudaklaryny özgertmek boýunça öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirýän halkymyzyň nurana geljege bolan ynamy barha pugtalanýar. Bu aýdylanlar 2023-nji ýylyň şygarynyň mazmunyna halkymyzyň erk-isleginiň, Milli Liderimize bolan buýsanjynyň, Arkadagly Serdarymyza bolan çäksiz hormatynyň beýanydygyny nygtamaga mümkinçilik berýär.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» şygary Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň ata Watanymyzy gülledip ösdürmekdäki giň gerimli işlerini, ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeleri hem-de parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlary giňden wagyz etmäge gönükdirilendir. Bu bolsa tutuş türkmen halkynyň agzybirligi we jebisligi, zähmetsöýerligi we watansöýüjiligi hemra edinip, «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyny» şöhratly işlere we beýik özgertmelere beslemelidigimizi aňladýar. Bu işde ýaş nesliň paýyna has uly jogapkärçilik düşýändigini bellemelidiris. Olar özlerine bildirilen ynama abraý bilen hötde gelmek üçin yhlas edýärler. Bu ganatly şygar ata-babalarymyzyň arzuwlan Garaşsyz döwletiniň sarsmaz binýadynyň aýdyň nyşanydyr. Onda halkymyzyň Milli Liderimize, hormatly Prezidentimize bolan egsilmez söýgüsi, çäksiz yhlasy, nesilleriň ýagty geljegine bolan ynamy jemlenendir. Çünki ýaşlar ýagty geljegiň şuglalarydyr. Olar ata Watanymyzyň ýagty ertirleriniň eýeleridirler. Türkmen ýaşlary bagtyýar şu günümizde gazanylýan üstünlikleri eşretli ertirlerimizde has-da belent sepgitlere ýetirjek ýaşlardyrlar. Şoňa görä-de, olar bu bagtyýar günler üçin Milli Liderimize we hormatly Prezidentimize alkyş aýdyp, özleri hakyndaky aladalara mynasyp jogap bermek üçin yhlas bilen işleýärler we döredýärler.

**Hudaýguly PAŞŞYÝEW,**
Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Barlag-derňew müdirliginiň Aşgabat şäheri boýunça barlag-derňew bölüminiň esasy döwlet inspektory.

**2023-nji ýylyň ýanwar aýynda Dokma senagaty ministrligi boýunça, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, nah ýüplügiň önümçiligi 107,7 göterime, nah matalaryňky 111,8 göterime, tikin we trikotaž önümleriniň önümçiligi 102,2 göterime, gön önümleriniň önümçiligi bolsa 117,9 göterime deň boldy.**

# «Parasatly zaman» hususy kärhanasynyň «Noş» haryt nyşanly önümlerine isleg köp

Arkadagly Serdarymyzyň tagallalary esasynda, hususy pudagyň wekilleri özleri üçin döredilip berilýän mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, milli ykdysadyýetimiziň dürli ugurlary boýunça täze-täze önümçilikleri yzygiderli işe girizýärler. Döwlet Baştutanymyzyň kiçi, orta we iri telekeçiligi goldamak babatda amala aşyrýan asylly başlangyçlaryndan, durmuşa geçirýän giň gerimli işlerinden ruhlanyp, milli ykdysadyýetimiziň bedew batly ösüşine mynasyp goşant goşýan telekeçiler iş depginlerini gowşatmaýarlar. Şu asylly işlere jogap edip, tutanýerli zähmet çekýän Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Ýarajy obasynda ýerleşýän «Noş» haryt nyşanly önümleriň eýesi «Parasatly zaman» hususy kärhanasynda alnyp barylýan işler hem bellenilmäge mynasypdyr.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy, telekeçi Rüstem Allanazarowa degişli «Parasatly zaman» hususy kärhanasynyň esasy maksady, bazarlarymyzy gök-bakja ekinlerinden hem-de miwelerden taýýarlanylan gaplanan önümler bilen üpjün etmäge gönükdirilendir. Kärhanada pomidor goýultmasy, üwmeç, pomidor şiresidir we dürli miwe şerbetleriniň umumylykda 12 görnüşi öndürilýär. Taýýarlanylýan pomidor goýultmasy ýörite demir gaplara, marinada ýatyrylan pomidordyr hyýar, ajika, ajy we süýji üwmeçler, pomidor şiresi aýna hem-de plastik gaplara gaplanyp, «Noş» haryt nyşany bilen bazarlara ugradylýar. Ýokary mümkinçilikler döredilen kärhanada häzirki wagtda 30-a golaý hünärmen zähmet çekýär. Ýeri gelende aýtsak, önümçiligiň çig maly bolan pomidordyr hyýar, dürli miweler we beýleki gök önümler ýerli daýhanlardan alynýar. Güneşli türkmen topragynda biten ekinlerden we miwelerden taýýarlanan önümler tebigylygy, ekologiýa taýdan arassalygy bilen tapawutlanýar. Gyş paslynyň dowam edýän günlerinde bu kärhananyň önümleri bedeni gurplandyrmakda we işdäni açmakda aýratyn ähmiýete eýedir.

Kärhana döwletimiz tarapyndan 550 gektar ýer bölegi berildi. Bölünip berlen 0,5 ga ýerde önümçilik kärhanasy ýerleşýär. Galan böleginde gök-bakja, üzüm we beýleki ekinleri ösdürip ýetişdirmek göz öňünde tutulandyr. Türkiýäniň ýokary hilli enjamlary ornaşdyrylan kärhanada önümçilik işleri birnäçe tapgyrlarda amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan özgertmelerden ylham alýan kärhananyň hünärmenleri öz önümlerini dünýä ülňülerine laýyklykda kämilleşdirmegi, halkymyz üçin elýeterli bahalardan hödürlemegi, täze iş orunlaryny döretmegi maksat edinýärler. Hormatly Prezidentimiziň belent ynamy hem-de berýän goldaw-hemaýatlary kärhananyň asylly maksatlaryna ýetmegine uly ýardam etjekdigi ikuçsuzdyr.

Ösüşiň täze belentliklerini nazarlaýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň üstünliklerine goşant goşmak telekeçiler üçinem uly bagtdyr. Şeýle bagtyýar zamanada halal zähmet çekip, halkymyzyň bolelin durmuşyna, ýurdumyzyň gülläp-ösüşine goşant goşmak bagty miýesser eden türkmen telekeçileri hormatly Prezidentimize, Milli Liderimize tüýs ýürekden alkyş sözlerini aýdýarlar.

**Çary ÇARYÝEW,**
Türkmen döwlet medeniýet institutynyň 2-nji ýyl talyby.




# Balyklar üçin janly iýmiti köpeltmegiň taslamasyny 2024-nji ýylda durmuşa geçirmek meýilleşdirilýär



3-nji fewralda «Hazar balyk» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň artemiýany öwrenmek we synagdan geçirmek boýunça Belgiýanyň öňdebaryjy hünärmenleri bilen bilelikde Aşgabatda geçiren duşuşygynda artemiýa salinany köpeltmek boýunça taslamany işläp düzmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bu taslamanyň esasy maksady, balyk üçin sagdyn we doly iýmit meselesini çözmek bolup durýar. Bu konsepsiýa artemiýa salinany köpeltmegi we olaryň ýumurtgalaryny iýmit hökmünde ulanmagy maksat edinýär. «Hazar balyk» AGPJ 2024-nji ýylda artemiýa salinany köpeltmek üçin synag taslamasyny durmuşa geçirmegi meýilleşdirýär.



Artemiýa — balyk fermalarynda ösdürilip ýetişdirilýän balyklar, leňňeçler, krewetkalar, omarlar üçin birinji derejeli iýmit hökmünde ulanylýar. Artemiýanyň ýaşaýyş dowamlylygy, takmynan, dört aý bolup, ol her dört günden 300-e golaý ýumurtga bermäge ukyplydyr.

www.business.com.tm

# Ýanwar 2023: Russiýa 5 müň tonna türkmen pomidoryny import etdi



Russiýanyň Weterinariýa we fitosanitar gözegçilik federal gullugynyň («Rosselhoznadzor») Moskwa şäheri, Tula we Moskwa oblastlary boýunça edarasy 2023-nji ýylyň ýanwar aýynda Moskwanyň çägine Türkmenistandan 270-den gowrak ýük awtoulagynda getirilen ter pomidorlaryň 5 müň tonnasyny barlagdan geçirdi.

Türkmen pomidorlarynyň rus bazarynda paýy uly bolup, olaryň eksporty ýylsaýyn artýar. Bu barada «Rosselhoznadzor» gullugynyň geçen hepdäniň duşenbe güni ýaýradan metbugat beýanatynda habar berilýär.

Habarda bellenilişi ýaly, Bütinrussiýa ösümlik karantin merkeziniň hünärmenleri bu önümleriň karantin fitosanitar talaplaryna doly laýyk gelýändigini tassyklaýarlar.

Türkmenistandan ugradylan pomidorlar karantin fitosanitar gözegçiliginden üstünlikli geçirilenden soň, rus bazaryna dolanyşyga iberildi.

Türkmen pomidory, esasan, Russiýa, Gazagystana, Gyrgyz Respublikasyna we Owganystana eksport edilýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň hususy hojalyklary umumy meýdany 670 gektara barabar ýyladyşhanalarda gök ekinleri ösdürip ýetişdirýärler.

«Rosselhoznadzor» Russiýada weterinariýa we oba hojalygy önümlerine gözegçilik edýän federal guramadyr. Bu gurama Russiýanyň Oba hojalyk ministrliginiň düzüm bölegidir.

www.business.com.tm

Häzirki wagtda Türkmenistanyň hususy hojalyklary umumy meýdany 670 gektara barabar ýyladyşhanalarda gök ekinleri ösdürip ýetişdirýärler.

Türkmen pomidory, esasan, Russiýa, Gazagystana, Gyrgyz Respublikasyna we Owganystana eksport edilýär.

# Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy

www.exchange.gov.tm; www.tmex.gov.tm

TDHÇMB

Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň geçen hepdedäki söwdalarynda geleşikleriň 46-sy hasaba alyndy.

Daşary ýurt walýutasyna Gyrgyz Respublikasyndan, Owganystandan, Türkiýeden, BAE-den, Irlandiýadan, Özbegistandan, Serbiýadan, Gazagystandan, Wirjin adalaryndan we Ermenistandan gelen telekeçiler gidro usulda arassalanan dizel ýangyjyny, awtobenzini, awiakerosini, guradylan buýan köküni, portlandsementini we nah ýüplügini satyn aldylar. Geleşikleriň jemi bahasy ABŞ-nyň 77 million 57 müň 100 dollaryndan gowrak boldy.

Manat serişdesine BAE-den we Türkiýeden gelen işewürler Dokma senagaty ministrliginiň kärhanalarynda öndürilen, jemi bahasy 25 million 396 müň manatlyk nah ýüplügini satyn aldylar.

Ýurdumyzyň telekeçileri içerki bazar üçin jemi bahasy 75 million 500 müň manatlykdan gowrak nebit koksuny we ýönekeý gaplama örtügini satyn aldylar.



## 06.02.2023 ýyl senesindäki Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň №30 söwdalaryna çykarylýan harytlar:

| Haryt | Ölçeg birligi | Möçberi | Bahasy | Töleg şerti | Iber. şert. | Nokady |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Nebit-himiýa önümleri / daşarky / ABŞ-nyň dollary** | | | | | | |
| Agyr wakuum gazoýly «Platts» «FOB Italy» baha aňlatmasy boýunça «Gasoil 0.1%» setiri, indirim $ 340 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 150 ABŞ/tn. (SNGIZ) (ýüzt. 623687) | tonna | 10 000,00 | 150,00 | öňünden tölemek | FCA | SNGIZ |
| A-80 kysymly ulag benzini «Platts» «FOB Italy» baha aňlatmasy boýunça «Prem Unl 10ppm» setiri, indirim $ 150 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 275 ABŞ/tn. (SNGIZ) (ýüzt. 643244) | tonna | 20 000,00 | 275,00 | öňünden tölemek | FCA | SNGIZ |
| Tehniki kükürt-gapsyz granulirlenen («Türkmengaz» DK) (ýüzt. 653355) | tonna | 30 000,00 | 76,00 | öňünden tölemek | EXW | «Galkynyş» GGIZ |
| Tehniki kükürt-gapsyz granulirlenen («Türkmengaz» DK) (ýüzt. 656960) | tonna | 30 000,00 | 76,00 | öňünden tölemek | EXW | «Galkynyş» GGIZ |
| A-80 kysymly ulag benzini «Platts» «FOB Italy» baha aňlatmasy boýunça «Prem Unl 10ppm» setiri, indirim $ 130 ABŞ/tn., aşaky çägi $ 300 ABŞ/tn. («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 661081) | tonna | 1 500,00 | 300,00 | öňünden tölemek | FCA | Kerki şäherindäki aralyk-paýlaýjy nebit ammary |
| TPP D 30 S kysymly polipropilen («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 661085) | tonna | 1 000,00 | 1 486,00 | öňünden tölemek | FOB | Türkmenbaşy halkara deňiz porty |
| Şepbeşik nebit ýol bitumy BND 60/90 («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 664543) | tonna | 3 000,00 | 275,00 | öňünden tölemek | FCA | TNGIZT |
| Jet A-1 kysymly awiakerosin «Platts» «FOB Italy» baha aňlatmasy boýunça «Jet» setiri, aşakky çägi $ 300 ABŞ/tn. («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 670142) | tonna | 9 500,00 | 300,00 | öňünden tölemek | FOB | Türkmenbaşy halkara deňiz porty, Kenar nebit kärhanasy |
| TPP D382BF kysymly polipropilen («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 671313) | tonna | 300,00 | 1 270,00 | öňünden tölemek | FOB | Türkmenbaşy halkara deňiz porty |
| TPP Z 30 G kysymly polipropilen («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 671314) | tonna | 350,00 | 1 150,00 | öňünden tölemek | FOB | Türkmenbaşy halkara deňiz porty |
| L-0,5-62 kysymly dizel ýangyjy «Platts» baha aňlatmasy boýunça «FOB Italy» setiri «Gasoil 0.1%» goşulan $ 80 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 330 ABŞ/tn. («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 676849) | tonna | 16 000,00 | 330,00 | öňünden tölemek | FCA | SNGIZ |
| KO-20 kysymly yşyklandyryjy kerosini «Platts» baha aňlatmasy boýunça «FOB Italy» setiri «Gasoil 0.1%» indirim $ 130 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 300 ABŞ/tn. («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 676851) | tonna | 15 000,00 | 300,00 | öňünden tölemek | FOB | Türkmenbaşy halkara deňiz porty, Kenar nebit kärhanasy |
| Şepbeşik nebit ýol bitumy BND 60/90 («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 676853) | tonna | 5 000,00 | 275,00 | öňünden tölemek | FCA | TNGIZT |
| Ownuk markaly, 1-nji hilli maýdalanan hlorly kaliý «Argus Media Ltd» baha aňlatmasy boýunça «MOP-fob standart bulk» setiri «Baltic/Black sea» indirim $ 270 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 985 ABŞ/tn. («Türkmenhimiýa»DK) (ýüzt. 677472) | tonna | 20 000,00 | 985,00 | öňünden tölemek | EXW | Lebap welaýaty, Garlyk ş. |
| «A» kysymly tehniki ýod (gaby alyjynyň hasabyna) («Türkmenhimiýa» DK) (ýüzt. 677473) | tonna | 200,00 | 60 315,00 | öňünden tölemek | EXW | «Bereket» we «Balkanabat» ýod zawodlary |
| Suwuklandyrylan gaz «Platts» baha aňlatmasy «FOB Arab Gulf» setiri, «Propane» goşulan «Butane» (laboratoriýanyň sertifikatyna laýyklykda) indirim $ 111 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 310 ABŞ/tn. («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 679531) | tonna | 5 000,00 | 310,00 | öňünden tölemek | FCA | TNGIZT |
| Tehniki kükürt-gapsyz granulirlenen («Türkmengaz» DK) (ýüzt. 680200) | tonna | 100 000,00 | 76,00 | öňünden tölemek | EXW | «Galkynyş» GGIZ |
| Suwuklandyrylan gaz (TŞ 022224689-01-2019) «Platts» baha aňlatmasy boýunça «FOB AG Cargoes» setiri «Propane» 40 % + «Butane» 60% indirim $ 114 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 300 ABŞ/tn. ugry Owganystan («Türkmenhimiýa»DK) (ýüzt. 681261) | tonna | 3 000,00 | 300,00 | öňünden tölemek | FCA | Ahaldaky gazdan benzin öndürýän zawody |
| A-95 kysymly ulag benzini «Platts» baha aňlatmasy boýunça «FOB Italy» setiri «Prem Unl 10ppm», indirim $ 65 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 300 ABŞ («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 681617) | tonna | 10 000,00 | 300,00 | öňünden tölemek | FOB | Türkmenbaşy halkara deňiz porty |
| Az kükürtli ýakyş mazudy «Platts» baha aňlatmasy boýunça «FOB Italy» setiri» «Fuel Oil 1%» indirim $ 25 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 300 ABŞ/tn., ugry Ýewropa («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 681619) | tonna | 50 000,00 | 300,00 | öňünden tölemek | FOB | Türkmenbaşy halkara deňiz porty |
| TC-1 kysymly awiakerosin «Platts» baha aňlatmasy boýunça «FOB Italy» setiri «Jet», indirim $ 50 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 300 ABŞ/tn., ugry Owganystan («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 681621) | tonna | 10 000,00 | 300,00 | öňünden tölemek | FCA | Kenar nebit kärhanasy |
| TC-1 kysymly awiakerosin «Platts» baha aňlatmasy boýunça «FOB Italy» setiri «Jet», indirim $ 50 ABŞ/tn., aşakky çägi $ 300 ABŞ/tn., ugry Täjigistan («Türkmennebit» DK) (ýüzt. 681622) | tonna | 5 000,00 | 300,00 | öňünden tölemek | FCA | Kenar nebit kärhanasy |
Данный период буквально создан для любых новых инициатив, творческих и смелых решений. Главное для Овнов – не перегибать палку и быть внимательными там, где это необходимо. Можно попробовать объединить духовные практики с попытками стать богаче. Например, это можно сделать посредством тибетских денежных мантр. Инициатива сейчас не наказывается, а приветствуется. Не нужно бояться рассказывать начальству, коллегам или деловым партнерам о новых идеях.

**Телец** 20.04 - 20.05



Тельцы станут более продуктивными и смогут воспользоваться любыми новыми возможностями, а также увеличить финансовый поток. Энергии союзной сильной Венеры хватит, чтобы изменить жизнь к лучшему, укрепить позиции и реализовать задуманное. Главное – не сорить деньгами, не поддаваться на провокации токсичных личностей и сохранить дипломатичность в любой ситуации. В попытках претворить финансовые желания в жизнь важно помнить о главных правилах визуализации. Ответственных и трудолюбивых Тельцов ждут приятные бонусы.

**Близнецы** 21.05 - 21.06



Профессионального опыта и новаторского духа Близнецов хватит для того, чтобы перекрыть все недочеты и ошибки. В этом месяце важно качественно выполнять свою работу, повышать производительность. Представителям этого Знака желательно контролировать эмоции и получать новые знания. В будущем они принесут им хорошие деньги. Если сейчас все идет кувырком, можно воспользоваться пятью способами борьбы с трудностями.

**Рак** 22.06 - 22.07



Ракам планеты помогут открыть будущее. Особенно это касается Меркурия, который на выходных начнет свое шествие по Знаку Водолея. Раки могут воспользоваться нумерологическими гаданиями, чтобы узнать свою судьбу и возможный сценарий развития событий. Есть вероятность того, что этим людям несказанно повезет: у них появится больше возможностей заработать. Идеи Раков будут чаще получать одобрение, деловые партнеры пойдут на уступки.

**Лев** 23.07 - 22.08



Львам нужно больше работать и меньше просиживать штаны. Для этого придется устранить причины потери энергии, а также заручиться поддержкой близких. Наступает время для совершения отложенных покупок. Сколько бы денег ни свалилось на Львов в течение этой недели, разумнее всего потратить только небольшую их часть. Скопленные средства очень пригодятся к концу зимы. Сил, инициативы и энергии будет много, поэтому необходимо направить все это в правильное русло.

**Дева** 23.08 - 22.09



У Дев этот месяц будет, как минимум, непростым. Поднять настроение помогут покупки, а также удовлетворение от проделанной работы. Это хороший период для открытия счета в банке, обмена валюты, покупки акций. Если Девам захочется изменить свою жизнь, то стоит обратить внимание на законы процветания, которые помогут сделать это за неделю. Удача на стороне этих людей. Проблемным днем, как и для всех других Знаков, для Дев может стать пятница.

**Весы** 23.09 - 22.10



Весам на этой неделе с высокой вероятностью удастся сделать намного больше, чем обычно. Это будет время успеха и финансовых прорывов, но для этого придется вставать раньше по утрам и дольше поддерживать рабочее состояние. В этом Весам помогут пять советов, о которых мы рассказывали ранее. Эти люди обретут контроль над ситуацией, а также смогут эффективно принимать важные решения. В связи с этим повысится уровень заработка.

**Скорпион** 23.10 - 21.11



Скорпионам станет проще находить золотую середину в финансовых вопросах. Важный совет – нужно очистить энергетику от негатива, чтобы повысить доходы. В этом людям данного Знака помогут три эффективных способа. Астрологи советуют с 6 по 12 февраля не тратить слишком много денег, не играть в азартные игры и не совершать бесполезных покупок. Положение в этом месяце будет хорошим, но всё можно довольно быстро испортить одним неверным решением. Именно поэтому каждый шаг должен быть взвешенным и обдуманным.

**Стрелец** 22.11 - 21.12



Иногда наши желания исполняются, но не так, как нам бы этого хотелось. Если у Стрельцов сейчас такой период времени, значит нужно что-то менять в плане подхода к финансам и к работе. Сил, уверенности и решительности будет хоть отбавляй из-за сильной Венеры. Уделять время нужно не только работе и бизнесу, но и своему телу: пешие прогулки по вечерам, медитации, йога и занятия спортом — все это поможет собраться, восполнить энергетические пробелы, поверить в себя и, как следствие, заработать больше денег. Еще это время идеально подходит для командировок.

**Козерог** 22.12 - 19.01



Острый ум, расчетливость и энергетический подъем помогут Козерогам в эти семь дней справиться с любыми делами в разы быстрее, чем обычно. Сейчас также очень удачное время для покупок, поисков новой работы, продвижения своего бизнеса и повышенной деловой активности. Отсутствие ретроградных планет усилит интуицию Козерогов. Еще им удастся найти свое предназначение. Чтобы ускорить решение такой задачи, можно воспользоваться тремя духовными способами. В это время есть смысл взяться снова за дела, которые не получилось выполнить ранее.

**Водолей** 20.01 - 18.02



Неделя с 6 по 12 февраля обещает быть максимально продуктивной. Это будет связано в первую очередь с позитивным и стабильным влиянием Венеры, и переходом Меркурия в Знак Водолея в субботу. Ночные светила помогут Водолеям в личностном росте, расширении деловых связей, профессиональном обучении, получении полезного опыта. Время отлично подходит для проведения финансовых обрядов. В материальной сфере никаких проблем не предвидится. Водолеи смогут найти деньги и время на развлечения и шопинг.

**Рыбы** 19.02 - 20.03



Рыб ожидает прирост дохода, продвижение по карьерной лестнице, но есть одно небольшое условие – нужно быть активными и вовлеченными в рабочий процесс. Для повышения доходов и получения новой должности, вероятно, придется больше работать. Ночные светила потребуют от Рыб больше упорства и инициативы. Они помогут этим людям раскрыть свои самые сильные стороны. Эта неделя – не лучшее время для отпуска и отдыха, ведь пришло время расти, развиваться и укреплять свои позиции. Упорная работа принесет свои плоды, причем довольно быстро.

**Будь счастлив в этот миг. Этот миг и есть твоя жизнь.**
Омар Хайям

**Есть нечто худшее, чем жизнь с тобой, — это жизнь без тебя.**
Фредерик Бегбедер

**ÝOLÝAZGY.** Balkan welaýaty.

Ýolýazgydaky suratlar awtoryň düşüren suratlary

# Syýahatçynyň nukdaýnazaryndan

**Aýjemal GURBANOWA,** syýahatçy.

**Onunjy, on birinji, on ikinji günler. 8-nji düşelge. Bereket etraby**

5:30-da gözümi açalak-ýumalak edip turdum. El-ýüzümi ýuwup, goşlarymy jemledim. Ýaňy bir käse çaý guýup, owurtlaýyn diýenimde, daşarda maşyn sesi eşidildi. Iýer ýaly zat taýýarlap, ýanyma salan Aýdakbibi ejeke hem onuň adamsy bilen gadyrly hoşlaşyp, «Toyota Sienna» kysymly ulaga mündüm. Sürüji menden soň ýene bäş adam aldy. Käşgä, meni iň soňunda alsady, bibimiň tagamly çaýyny içip ýetişerdim. Bähbit bolsun!

Ýolda Günüň dogşuny synladyk. Hemmämiz kellämizi ýaplara ýumşak ýer gözleýärdik. Göwnüme gabaklarym çiş, saçym bulaşyk ýalydy. Gözümiň sürmesizligi nähilidir bir oňaýsyzlyk döredýär. Ýüregimiň bulanmasy gözýetimdäki Gün adam boýy galýança aýrylmady. Soň ajyganymy duýup, ýanymdaky zadymy iýdim.

Maşyndaky ýolagçylaryň hersiniň bir iş bilen barýandygyny nazara alyp, menem resminama düzetmäge barýan diýdim. Ýöne ýaşy durugşan aýaldyr erkekleriň her gören zadymy surata alyp gelmegime bolan geňirgenmesi gözden sypdyrarly däldi. Olar üçin adaty zat meň üçin geňdi. Ömrümde aýak basyp görmedik mekanlarymy synlap barşyma ulagdakylaryň ünsüni çekipdirin.

Gumdagyň nebit känleriniň üsti bilen Balkanabada ýetdik. Bu ýerem maňa düýpgöter täze. Awtomenzile ýetip, Bereket etrabyna äkidýän maşyna münüp, ugradyk. Men Gülnabat mugallymlara barýardym.

Gülnabat mugallymlara barmagymyň esasy sebäbi nemes dilinden başarnygymy berkitmekdi. Olardan gaýdýançam bagrymy ýere berip, mazaly okadym.

Gülnabat mugallym diýýänim şol wagt Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda iňlis dilinden soňky ýylyny okap ýören talypdy. Ikinji dil hökmünde nemes dilini öwrenip, maňa-da okuwyň daşyndan sapak berýärdi.

Gülnabadyň köp häsiýetini halaýan, şolaryň birem onuň sadalygy.

Gülnabatlaryň öýlerinde ene-atasy, agasydyr gelnejesi bardy. Ol gelnejesi bilen bile nahar bişirip, köp wagtyny onuň ýanynda geçirýän eken. Menem onuň boş wagtyna gabat gelsem, kitabymy alyp barýan-da, sorag berip başlaýaryn. Ol hem birbada iki-üç işe ýetişýär. «Gaýta maňa-da gaýtalamaga bahana bolýar. Ýogsa ýaltanyp, gün yzyna gün geçiriberýän» diýip, öz kemçiliginem boýun alýar. Ejesi köp wagtyny daşarda oturyp geçirýär. Başda arassa howadan dem aljakdyr öýdüpdim. Ýöne biraz wagtdan daşarda oturmaga endik edendigini aňdym.

Agşam Bereket şäheriniň köçelerini keşt etdik. Buzgaýmak iýmäge gitdik. Ertesi turup, ertirlikden soň ýene okap başladyk. Melleklerinde ýertudana ýetişýän eken. Maňa ýolup getirdi. Syýahatymyň dowamynda iýmedik zadymy görüp, ýuwdunyp goýberdim.

Gelnejesi Uzynsuw obadan bolup, ol aram-aram obalaryna gidip, kakasynyň nahar-şoruna, egin-eşiklerine seredip gaýdýan eken. Olar iki gyz dogan, ejeleri-de ýakynda aradan çykypdyr. Ömrüne mugallymçylyk eden kakasyna gyzlaryndan başga garaşyk etjek ýakyn garyndaşy ýok. Gülnabadyň mamalaram şol obadan bolansoň, daýylaryna gitmegi teklip etdi. Täze bäbege hem-de ogullarynyň harby gullukdan gelenine kiçijek üýşmeleň edýän ekenler.

Gülnabat dagy myhmançylyga eli boş barmazlyk üçin keks bişirmäge başladylar. Menem nemes dili kitabymy gaýtaladym:

***«It was as though in existence of Gulnabat, I felt the urgence and essence of revising German every minute, since the time I was with her limited and I too am getting lazy by self-revision».***

Soňra surat albomlaryna göz gezdirdim. Balkanly türkmenleriň geçen asyryň 80-nji ýyllaryndaky owadan suratlary gözümi gamaşdyrdy.

Az salymdan kitap okamagymy ýene dowam etdim. Sebäbi Bereketden çykan pursadymdan soň kitaby açýançam köp wagtyň geçjegini bilýärdim. Pursatdan peýdalanmak zerur.

Keks taýyn bolansoň, üýşmeleň ýerine bardyk. Täze bäbejigi ýüzümize syldyk. Zenanlaryň işdäaçarlary ýerbe-ýer goýşuny görüp, kömekleşmäge durduk.

Gün ikindiden aganda, daglara, ýakyn beýewana seýle gitdik. Öýe gelibem ýene kitap okadyk. Goýunlaryň, düýeleriň bakylyşyny synladyk. Gün batmanka, gonamçylygyň ýanyndan geçip, ýokary çykaly diýişdik. Tutuş Uzynsuw obasy elimiziň aýasynda ýaly, gursagymyzdaky parahat duýgy bilen gujaklaşyp, Gülnabat ikimiz bir sözem aýtman, 15 minutlap ümsüm oturyp, töweregi synladyk. Soňam öýe baryp, agşamlyk edindik. Näme iýenim ýadyma düşenok, emma süýji bir zatdy. Soňam üçümiz sekide ýyldyzlara seredip ýatdyk. Hakyt ömrümde ýyldyzlary beýle ýakyndan we patrak ýaly owadan görmändim. Zöhre ýyldyzyny (susak şekilli) görüp haýran galdym. Ony diňe astronomiýa sapagynda diwarlyklarda gören adam hökmünde, janly görmegiň lezzetini sözde beýan edip bilemok.

Gülnabat juda mylaýym we owadan gyz. Gerdeninde köp jogapkärçilikleri çekensoň, durmuşyndan isleýşi ýaly lezzet alyp bilenok diýen ýaly, gözlerinde gam-gussa bar. Hiç kimiňem aňsat şowlulyga ýetmejegi belli. Esasy zat — durmuş belentligine dyrmaşmagy bes etmeli däl.

(Dowamy indiki sanymyzda).





## KROSSWORD

**Taýýarlan: Rejep ORAZMUHAMMEDOW,** «Türkmen sporty» gazeti.



**Keseligine:**

**1.** «Formula-1» bäsleşikleriniň germaniýaly wekili Mihael ... . **4.** Ýaňy bişen gyzgyn çörek dogralyp, taýýarlanylýan iýmit. **8.** Aw guşy. **9.** Argentinanyň ýygyndy toparynda çykyş edýän futbolçy Franko ... . **10.** « ... uny çym-ak, suw degdigi göm-gök». **12.** « ... geler gygyryp, ýelýagmyryn çagyryp» (nakyl). **14.** Aýlaryň biri. **17.** Amerikaly işewür we oýlaptapyjy Tomas ... . **18.** « ... başdan, ýüwrük aýakdan» (nakyl). **22.** Rus şahyry, publisist Aleksandr ... . **24.** Tropiki ýerlerde ösýän miwe. **25.** «Akmagyň jogaby – ... oturmak» (nakyl). **26.** « ... – aşda, ökde – işde» (nakyl). **27.** Garly, ýagyşly, jöwenekli, çapgynly sowuk.

**Dikligine:**

**1.** Ýurdumyzda futbol toparlarynyň biri. **2.** Köşeksiz, gölesiz sagdyrýan mal (düýe, sygyr hakynda). **3.** «Bäş barmagy bar, dyrnagy ýok» (matal). **5.** Awstriýanyň paýtagty. **6.** Öňki döwürlerde habar ýetirmek üçin ýörite iberilýän atly habarçy. **7.** Argajy üç gat edilip, tarada dokalýan mata. **11.** Marokkonyň paýtagty. **13.** Köpçülikleýin habar beriş serişdesi. **15.** Edebi eseriň bir görnüşi. **16.** Italiýanyň hojalyk enjamlaryny öndüriji şereketi. **19.** Hapa däl, kiri ýok. **20.** « ... isleseň – köp diýme, saglyk isleseň – köp iýme» (nakyl). **21.** Başa-baş söweş sungatynyň bir görnüşi. **23.** Sportuň stol üstünde oýnalýan görnüşi.

**Gazetiň geçen sanyndaky krosswordyň jogaplary:**

**Keseligine: 5.** Damana. **8.** Göjele. **9.** Bahana. **10.** Tekeltgi. **12.** Ideg. **13.** Antarktika. **16.** Badminton. **18.** Topargaçdy. **20.** Okem. **21.** Kliwlend. **25.** Artýom. **26.** Daragt. **27.** Tennis.

**Dikligine: 1.** Töre. **2.** Sere. **3.** Dert. **4.** Ýedi. **5.** Dibala. **6.** Mähriban. **7.** Sanderlend. **11.** Lar. **14.**Nazarkerde. **15.** Tüm. **16.** Büzmeýin. **17.** NBA. **18.** Tahmys. **19.** Guw. **21.** Käse. **22.** Ilde. **23.** Lors. **24.** Nagt.

**Her kim isleýşiçe ýaşaýar, ýaşaýşyna görä-de netijesini alýar.**
Oskar Uaýld

**Güýçli adamlar öz ejizliginiň şaýatlaryny halamaýarlar.**
Margaret Mitçel

Kitap hem okyjy



# *Kitap – akyl-paýhasyň gönezligi*

Taryhy geçmişimizden bilşimiz ýaly, türkmen halky kitaba uly sarpa goýup, ony durmuşyň bezegi, ýaşaýşyň manysy hasaplapdyr. Ir döwürlerde sowatly, kitaphon adamlar halk arasynda bolup, köne ýazuwda bolan kitaplary köpçülige okap beripdirler. Aslynda sada, daýhan, çarwa adamlaryň arasynda-da, özi okap bilmese-de, kitaby ýürekden söýýän kitaphon adamlar bolupdyr. Muňa türkmen ýazyjysy Nurmyrat Saryhanowyň «Kitap» hekaýasyndaky Welmyrat aganyň keşbi arkaly hem aýdyň göz ýetirmek bolýar.

Kitap her bir zamanda-da halkyň gündelik durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Akyl hazynasy hasaplanylýan kitaplar adamyň tutuş süňňüne, beýnisine, bedenine täsirini ýetirýän ruhy gymmatlykdyr. Kitap okamak adama dynç berýär, ruhuny baýlaşdyrýar, dünýä garaýşyny giňeldýär.

Men entek mekdebe barmankam, 4-5 ýaşlarymda kakam maňa çagalar üçin niýetlenen ensiklopediýalary, dürli halklaryň ertekilerini getirip berýärdi. Men ilki suratlary görüp, enemiň-atamyň okap bermeginde diňläp, köp zatlary öwrendim. Şol ýyllardan başlap, kitaba bolan söýgim artyp başlady. Kitaplar meni çagalykdan jadylap goýupdy. Ulaldygymça olar meniň hakyky dostlaryma öwrüldi.

Kitaplara danalaryň, akyldarlaryň pähimpaýhasy siňipdir. Zähmetsöýerligi, ýagşy gylyk-häsiýetleri hem kitaplaryň gahrymanlaryndan öwrenmek bolýar. Kitap akyl-paýhasyň gönezligi. Şonuň üçin hem, biziň zähmetsöýer ata-babalarymyz kitaby uly hazyna hasaplapdyr. Belli fransuz ýazyjysy Wolter «Gowy ýazýan ýazyjyny okap, gowy gürlemäge endik edersiň» diýip ýazypdyr.

Akylly adamlar mydama köp okamagyň aladasynda. Kitap okaýan adamyň ýatkeşligi artýar. Ylmy maglumatlara görä, adamyň beýnisi bedenine bap gelmeli, şeýle bolan ýagdaýda beden garramaýar. Kitap okamak bilen akylyň, beýniň üçin ruhy iýmit toplaýarsyň. Kitap wagtyňy hoş geçirmegiň, peýdaly ulanmagyň hem esasy serişdesidir.

XVIII-XIX asyrlarda Türkiýede ýaşan, milleti türkmen bolan şahyr Mir Hasan Sedaýy kitap hakda bir gazal ýazypdyr. Ine, şol gazaldan ýazyp alan setirlerim:

***Isteseň bir piri kämil, ýa tebip her bir kesel,***<br>
***Rehberi dünýäýi, daýym derdiňe dermandyr kitap.***<br>
***Eý, Sedaýy, her kitaby totýýa dide kyl,***<br>
***Bolsa her müşgilleriň, eýlegeý, asan kitap.***

Şahyr kitabyň dünýäde ýol görkezijidigini, azaşsaň, dogry ýola salmagy başarýandygyny, kynçylyklary aňsat edýänligi barada aýdýar, ony örän gowy saklamalydygyny ündeýär.

Kitap — ruhy hazyna. Ol hazyna altyndan hem arzyly, gymmatly baýlyk. Rus ýazyjysy Lew Tolstoýyň «Uruş we parahatçylyk» romanyny okap çykanymdan soň urşuň, parahatçylygyň nämedigine göz ýetirip, durmuşa, ýaşaýşa söýgim has-da güýçlendi. Belli ýazyjy Artur Konan Doýluň «Şerlok Holmsyň başdan geçirenleri» atly kitabyny okanymda aňymyň has durlanandygyny, baýlaşandygyny, dünýä garaýşymyň giňändigini duýdum. Bu eserleriň gahrymanlary meniň köne dostlaryma, tanyşlaryma öwrüldi. Men ol gahrymanlaryň begenjine begendim, gynanjyna gynandym. Gijäniň ýaryna çenli okasaň hem gyzykly kitaby goýup bolmaýar.

Kitap okamak bilen biz daşymyzy gurşap alan tebigat bilen tanyş bolýarys, ösümlikler we haýwanat dünýäsini synlaýarys. Taryhy kitaplary okap, ýurdumyzyň taryhyna belet bolýarys. Belki-de, ynsan durmuşynyň manysy kitaplardadyr.

**Kerim ANNAÝEW.**

## *Kitaplarym, meniň eziz hemralam...*

Kitaplarym, meniň eziz hemralam,<br>
Siz meniň döwülen göwnüme seýik.<br>
Kitap okap görmedikler geň galar,<br>
«Şulaň baryn okap çykdyňmy?» diýip.

Boldum derwüş, ahy, weli hem alym,<br>
Çykdym giň dünýäň dar çygyrlaryndan.<br>
Gördüm gül jemalyn ýa Züljelalyň,<br>
Nebi Pyragynyň şygyrlarynda.

Görmese-de goja Gomeriň gözi,<br>
Nur baryn saçypdyr edebiýata.<br>
Kalplara ýazylyp diýen her sözi,<br>
Öwrülip gidipdir ebedi zada.

Şeýle gözellige akylym haýran,<br>
Şeýle kämillige çykaýmak kyndyr.<br>
Olaň biri çala ýempeýän Baýron,<br>
Beýlekisi buýra saçly Puşkindir.

Galsa köňlüm aňrysynda kapasaň,<br>
Ýoluma nur boldy güneş deý çogup...<br>
Nowaýy, Tolstoý, Gi de Mopasan,<br>
Ulug agam Çingiz Törekulowiç.

Hakyky sözümi etseler inkär,<br>
Degimsiziň dili degse degnama,<br>
Mertebeli maslahatçy, medetkär<br>
Kitaplarym, meniň eziz hemralam.

Wagtyňyzy eşrepi deý ulanyň,<br>
Sarp etmäň meýlise, şere, ykmaga.<br>
Ýeke ömür ýeterlik däl bularyň<br>
Iň ajaýyplarnam okap çykmaga.

Entek garramakam, düşmäkäm tapdan,<br>
Wysal bolsa meniň bolsadylarym.<br>
Arasynda hatar duran kitaplaň<br>
Kämil külliýadym bolsady meniň.

...Bilýän ykbal bir gün mojugyn tapar,<br>
Alajym bolmasa gaýdyp gelmäge.<br>
Hatar durup meniň ýoluma bakar,<br>
Kitaplarym, meniň eziz hemralam.

**Gurbandurdy ORAZOW.**



# *Kitap hem okamak barada gyzykly maglumatlar*

Kitap okamak biziň çalt garramagymyzyň öňüni alýar. Kitap okamak adamyň beýnisini işjeň ýagdaýa getirýär. Beýniniň işlemegi bolsa garrylygy birneme yza süýşürýär.

***

Fransuz imperatory Napoleon Bonapart 1 minutyň dowamynda 2 müň sözi okamagy başarypdyr. Ýazyjy Onore de Balzak 2 ýüz sahypaly romany ýarym sagatda okapdyr.

***

Tomas Edison 2-3 setiri birden okap, okanlaryny sahypalap ýadynda saklamagy başarypdyr.

***

Haýal okanymyzdan çalt okan wagtymyz gözümiz onçakly bir ýadamaýar. Adamlaryň 95%-i örän haýal, ýagny 1 minutyň dowamynda 180 — 220 söz okaýarlar.

***

Dünýädäki iň uly kitaphana 1800-nji ýylda döredilen ABŞ Kongresiniň kitaphanasydyr. 2012-nji ýylda onuň gaznasyndaky kitaplaryň sany 155,3 milliona barabar bolupdyr. Kitaphananyň umumy meýdany 26,14 ga bolup, kitap tekjeleriniň uzynlygy 856 kilometrdir.

***

Hindistanyň Amritsar şäherindäki kitaphana dünýäniň iň kiçi kitaphanasy hasaplanýar. Onda bary-ýogy bir sany mukaddes kitap saklanylýar.

***

Ýer ýüzündäki ilkinji gazet Hytaýyň «Kongo» gazeti bolup, ol 1000 ýyldan bäri çap edilip gelinýär.

***

«New York Times» gazetiniň 1965-nji ýylyň 17-nji oktýabryndaky sany agramy boýunça dünýädäki iň agyr gazet hasaplanýar. Onuň agramy 3,4 kilogram bolup, ol 943 sahypadan ybarat.

**Kamila AÝMURADOWA,**<br>
Dänew etrabynyň Garaşsyzlyk şäherçe kitaphanasynyň kitaphanaçysy.



**Kitap okan gullar magnydan dokdur.**<br>
Magtymguly Pyragy



**Kitaplaryň öňünde barça zatlar nursuz bolup galýar.**<br>
Anton Çehow



**Kitap – jadygöý! Kitap dünýäni gaýtadan gurýar. Kitapsyz älem ýabanylaryň älemidir.**<br>
Nikolaý Morozow



**Kitaplar jansyz, emma wepaly dostlardyr.**<br>
Wiktor Gýugo



**Gowy kitap okamak bilen adam özüni has-da güýçli, bilimli we ynamly duýýar.**<br>
Ýan Sudrabkaln



**Kitap alys we aňzakly ömür ýollarynda ýnsana nur bagyşlaýan jadyly çyragdyr.**<br>
Andreý Upit

**Kitap paýhasy ýaýmagyň guralydyr.**<br>
Ýan Komenskiý

**Okamak — bu çagalaryň syn edip, dünýä we özlerine akyl ýetirýän penjiresi.**<br>
W.A.Suhomlinskiý

Üstünligiň taglymaty

«**Biznes reklama**» gazetiniň terjime tekjesinden




# Nädip ynjalyksyzlygy bes etmeli we ýaşap başlamaly



Deýl KARNEGI

(Başlangyjy gazetimiziň geçen sanlarynda).

Terjime eden: **Orazmyrat MYRADOW**

Lukmanlara Ýeriň daşyna aýlanyp çykmak üçin syýahata ugramagy ýüregime düwendigimi we aşgazanymdaky kislotany özümiň sorduryp aýyrtjakdygymy aýdanymda, olar ör-gökden geldiler. Eýsem, näme! Saglygyňy dikeldişiň şeýle täsin täri hakda olaryň hiç biri hem eşitmändirler. Olar deňiz aşyp gitmegi niýetime düwenligim çyn bolsa, onda şol ýerde depin edilmeli bolmagymyň gaty ahmaldygyny duýdurdylar. «Ýok, beýle bolmaz. Men hossarlaryma jesedimiň Nebraska ştatynda, Brouken-Bou şäherinde maşgala aramgähinde aram tapjakdygyna söz berdim. Şonuň üçin men, bilip bolmaz, ýanyma öz tabydymy hem alaryn» diýip, olara jogap berdim.

Men tabyt ýasamagy buýurdym. Taýýar bolanda, gämä ýükletdim. Soňra bolsa gämi kompaniýasy bilen şertnama baglaşdym. Oňa laýyklykda, ölen halatymda, meýdimi sowadyjy bölüme ýerleşdirip, tä öýe gaýdyp gelýänçäk şol ýerde saklanmaga borçlandylar. Men içimden goja Haýýamyň setirlerini gaýtalamagy bes etmän, syýahata ugradym:

***Al durmuşdan ähli zady dirikäň,***
***Jeset dälkäň, gitmedikleň birikäň,***
***Aýdymsyz, çakyrsyz, şatlyk-gorkusyz!***
***Tüm garaňky gör içine girmänkäň.***

Meni gündogara sary alyp gitjek «Prezident Adams» gämisine münenimden özümi oňat duýup başladym. Kem-kemden men aşgarly melhemlerden hem rezin turbajykdan ýüz öwürdim. Ýene biraz wagt geçdi, men islän zadymy iýmäge başladym, hatda lukmanlaryň aýtmaklaryna görä, şobada bellimi etmeli naharlardan — aborigenleriň adaty bolmadyk tagamlaryndan hem işdä saklamadym. Birnäçe hepdeden men şerbetleri-de içip ugradym. Beýle lezzeti görmänime kän wagt bolupdy! Üstümize deňiz harasatlary: mussonlar we taýfunlar sürüldi — diňe şunuň özi hem meni ýük bölüminde duran tabyda dykmalydy — emma men nobatdaky başdangeçirmelerden keýp aldym.

Gämide şatlyk-şagalaň höküm sürýärdi. Men täsin adamlaryň ençemesi bilen tanyşdym, köplenç, olar bilen aýdyma hiňlenip gijäniň bir wagtyna çenli oturýardym. Hindi-Hytaý ýarym adasyna baryp ýetenimizde, men Gündogaryň ilatynyň açlygy we pukaralygy bilen deňeşdireniňde, özümiň gaýgy-aladalarymyň hiç zat ekendigine düşündim. Esassyz gorkularymyň baryny özümden kowup çykardym, günsaýyn däl, sagatsaýyn özümi tutmaga başladym. Amerika dolanyp gelenimizde bolsa, men kyrk kilogram semräpdim, aşgazandaky agyry-ýzalar ýadymdan hem çykyşyberipdi. Men ömrümde hiç haçan hem özümi şeýle gowy duýmandym. Şol bada işe dolanyp bardym we şondan bäri ýekeje güni hem düşekde geçiremok.

Indi düşünýän, özüm bilmezden, edil Uillis H.Kerrieriňki ýaly, ynjalyksyzlygy ýeňip geçmek usulyndan peýdalanan ekenim diýip, Erl P.Heýni gürrüňiniň üstüni ýetirdi.

«Ilki men özüme sowal berdim: «Häzirki ýagdaýymyň ýetirip biljek iň ýaramaz netijesi näme?». Jogap göz-görtele — ölüm.

Soňra men öläýen ýagdaýym üçin taýýarlyk gördüm. Etjek alajyň näme — lukmanlar meniň ýagdaýymyň gutulgysyzlygyny bassyr-ýussur etmän aýdypdylar ahbetin.

Şeýle-de men emele gelen ýagdaýdan iň ýokary derejede peýda görmeli we galan ömrümde özümi hiç zatdan çäklendirmän ýaşamaly diýen karara geldim. Eger-de men... *Eger-de* men gämide ähli zat barada ynjalyksyzlanmagymy dowam eden bolsam, onda syýahatymyň galan bölegini özüm üçin taýýarlan tabydymda geçirmeli bolardym. Muňa hiç hili şek-şübhe ýok. Emma muňa derek özüme basalyk berdim-de, ähli howsalamy unutdym. Köşeşdim, meniň bu täze halym şu çaka çenli gizlenip ýatan, meni aýaga galdyran energiýany erkinlige çykardy» diýip, ol gürrüňini jemledi.

Ýatda saklaň

**Ikinji kada:**

***Eger mesele ýüze çykyp, aladadyr howsala bilen özüňize ejir berýän bolsaňyz, Uillis H.Kerrieriň üç başgançakdan durýan jadyly formulasyndan peýdalanyň:***

*1. Özüňiz üçin iň bir ýaramaz boljak netijäni anyklaň.*

*2. Bolan zat hökmünde iň bir erbet ýagdaý bilen ylalaşmaga çalşyň.*

*3. Ýagdaýdan iň ýokary derejede peýda almagyň ugur-ýoluny gözläň.*

## 3. Tolgunmanyň esasy netijeleri

*Kim tolgunma garşy göreşmegi başarmaýan bolsa, ol ýaşlygyna ýogalýar.*
**Doktor Aleksis Karrel**

Esli ýyl ozal goňşym gapymyň jaň düwmesini basdy. Ol meni, öýdäkileriň ählisini mama keseline garşy sanjym almaga göwnetjek bolup başlady. Ol tutuş Nýu-Ýorka aýlanyp, millionlarça gapylaryň jaň düwmesini basýan müňlerçe meýletinçileriň biridi. Dowla düşen şäherliler sanjyma garaşyp, sagatlap nobata durýardylar. Goşmaça sanjym nokatlary diňe bir hassahanalaryň ählisinde däl, eýsem, ýangynyň öňüni alyş beketlerinde, polisiýa uçastoklarynda, şeýle-de iri senagat kärhanalarynda hem açylypdy. Lukmanlaryň we şepagat uýalarynyň iki müňden gowragy halkyň agramly bölegini sanjym bilen üpjün etmekde gije-gündiz işleýärdi. Umuman, başagaýlykdy, ýöne muňa näme esas bar? Tutuş Nýu-Ýorkda sekiz adam mama keseline uçrapdyr, olaryň ikisi ýogalypdyr. Sekiz million ilatly şäherde iki merhum!

Men köp ýyl bäri Nýu-Ýorkda ýaşaýan hem bolsam, ynjalyksyzlygyň döredýän emosional sarsgynlarynyň — edil mama keseliniňki ýaly gysga wagtda onlarça müň adama zyýan ýetiren keseliň öňüni almak üçin ýeke gezegem gapymyň jaňy basylmandy.

Hawa, hiç kim meniň gapymy kakmandy we Birleşen Ştatlaryň ilatynyň her onunjysynyň, esasan, ynjalyksyzlyk, tolgunma we emosional dawalar zerarly ýüze çykýan nerw bozulmasyndan ejir çekýänligi barada gürrüň bermändi. Bu bölüm gapyňyzyň jaň düwmesiniň basylmagydyr, abanýan howp barada meniň duýdurysymydyr.

Lukmançylyk ugrundan Nobel baýragynyň laureaty, meşhur doktor Aleksis Karrel şeýle diýipdir: «Tolgunma garşy göreşmegi başarmaýan biznesmenler ýaşlygyna ýogalýarlar». Bu öý hojalykçylara-da, mal lukmanlaryna-da, kerpiç örüjilere-de degişli.

Birnäçe ýyl ozal men zähmet rugsadymy Santa-Fe demir ýol kompaniýasyna hyzmat edýän lukmanlaryň biri, doktor O.F.Gouber bilen Tehasda we Nýu-Meksikoda syýahat edip geçirdim. Onuň iş wezipesi doly şeýle atlandyrylýar: Galfyň, Koloradonyň we Santa-Feniň Hassahanalar assosiasiýasynyň baş lukmany. Bir gezek ynjalyksyzlygyň netijeleri barada gürrüň gozgaldy. Bu barada doktor Gouber nämeler aýtdy diýseňizläň: «Şypa isläp lukmana ýüz tutýanlaryň ýetmiş göterimi öz derdine özi em etmäge ukyply adamlar — munuň üçin olara diňe gorkularyny we tolgunmalaryny ýok edip, zyňyp taşlamak gerek. Beýle diýmek bilen, men dertli bendeleriň aglabasynyň öz keselini toslap tapýanlygyny aýtmak islämok. Ýok, olaryň derdi edil diş agyrysy ýaly hakyky zat, köplenç bolsa, müňlerçe esse çynlakaý dert. Men içegeleriň bozulmasy, aşgazan başy, ýüregagyry, ukusyzlyk, çakyzanyň we ysmazlygyň birnäçe görnüşi ýaly keselleri göz öňünde tutýaryn.

Şu keselleriň ählisiniň hem derdi ýetik — diýip, ol gürrüňini dowam etdirdi. — Ynanyň, men belet zadymy aýdýan, sebäbi on iki ýyllap aşgazan başyndan ejir çekdim.

Gorky ynjalyksyzlygy döredýär. Ynjalyksyzlyk bolsa sizi kejikmäge we hemişe dartgynly halda ýaşamaga mejbur edýär. Bu-da öz gezeginde, aşgazanyň nerw tarlaryna täsir edýär-de, aşgazan suwuklygynyň nädogry bölünip çykmasyna getirýär. Mundan aşgazan başyna çenli bolsa bir ädim».

«Nerw sebäpli aşgazanyň dertlemegi» diýen kitabyň awtory, doktor Jozef F.Montegýunyň aýdýanlary hem şu sözlerden daşda däl: «Siziň iýýän zadyňyz sebäpli hiç haçan hem aşgazan başy döremez. Baş sizi iýýän zatdan döreýär».

Meýo klinikasyndan doktor U.S.Alwares onuň aýdanlaryny nygtaýar: «Aşgazan başy siziň emosional ýagdaýyňyzyň depeliklerine we düzlüklerine laýyklykda, ýitileşibem bilýär, ýitip gidibem».

Bu ýöne bir gepiň gerdişine görä aýdylaýan zat däl. Bu sözler aşgazan keselleri zerarly Meýo klinikasynda bejergi alan on bäş müň dertlä edilen gözegçilige esaslanýar. Gözegçilik edilen ýagdaýlaryň bäşisinden dördüsinde näsaglar aşgazan başynyň döremegine beden gurluşy taýdan uýgun halda bolmandyrlar. Olaryň ýarawsyzlyklarynyň esasy sebäbi gorky, ynjalyksyzlyk, ýigrenç, garasöýmezlik we töwerekdäki dünýä bilen uýgunlaşmaga ukypsyzlyk bolupdyr. Aşgazan başy zerarly janyňdan jyda düşmek hem mümkin ahbetin. «Laýf» žurnalynda çap edilen statistik maglumata görä, bu kesel häzirki zamanyň ölüm howply keselleriniň hatarynda onunjy orunda durýar.

(Dowamy gazetiň indiki sanynda).

# BSG-niň ministrler derejesindäki duşuşygy geçirildi

31-nji ýanwarda Şweýsariýanyň Dawos şäherinde Bütindünýä Söwda Guramasynyň (BSG) ministrler geňeşiniň duşuşygy geçirildi. Onda Bütindünýä Söwda Guramasyny özgertmegiň geljegi barada pikir alşyldy. Bu çärä guramanyň 23 agzasynyň wekilleri, şeýle hem BSG-niň baş müdiri Ngozi Okonjo-Iweala gatnaşdy.

WORLD TRADE ORGANIZATION

Taraplar 2022-nji ýylyň iýun aýynda Ženewada geçirilen BSG-niň ministrler geňeşiniň 12-nji mejlisiniň netijeleri boýunça durmuşa geçirilýän çäreleri ara alyp maslahatlaşdylar. Mundan başga-da, 2024-nji ýylyň başynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Abu-Dabi şäherinde geçiriljek BSG-niň ministrler geňeşiniň 13-nji mejlisine taýýarlyk görlüşi barada pikir alyşdylar.

Duşuşykda HHR-e wekilçilik eden, ýurduň täjirçilik ministriniň orunbasary Wan Şouwen BSG-niň düşünişmezlikleri aradan aýyrmak tertibiniň işini özgertmek babatda başlangyçlary öňe sürmegiň zerurdygyny aýtdy. Şeýle-de, guramanyň bitarap görnüşde hereket etmeginiň möhümdigine ünsi çekdi. Hytaýyň wekili bu ugurda alnyp barylýan işleriň 2024-nji ýyla çenli üstünlikli tamamlanjakdygyna ynam bildirdi.

Mundan başga-da, Wan Şouwen şu ýylyň birinji ýarymynda Hytaýyň maýa goýum hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek boýunça BSG bilen gepleşikleri geçirendigini hem-de 2023-nji ýylyň dowamynda elektron söwda boýunça Hytaý bilen guramanyň arasyndaky geňeşmeleriň tamamlanmagyna garaşýandygyny nygtap geçdi. Bellenilişi ýaly, HHR söwda we maýa goýumlary üçin has amatly şertleri döretmek arkaly howanyň üýtgemegine garşy netijeli göreşmegi, bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmak üçin gurama tarapyndan agza döwletlere berilýän subsidiýalaryň netijeli peýdalanylmagyna gözegçilik etmegi zerur hasaplaýar. Hytaý tarapy bu çäreleriň durmuşa geçirilmeginiň azyk howpsuzlygyny gazanmakda we azyk önümleriniň bahasyny durnuklylaşdyrmakda möhüm ädimler boljakdygyna umyt edýär.



Wan Şouwen, HHR-iň täjirçilik ministriniň orunbasary.

**Mätgurban MÄTGURBANOW,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.

## FAO: ýanwar aýynda dünýäde azyk önümleriniň bahalary arzanlady

Azyk önümleriniň global bahalary ýanwar aýynda on aý yzygiderli peseldi. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) 3-nji fewralda habar berdi.

Esasy satyn alynýan azyk önümleriniň dünýädäki bahalarynyň her aýdaky üýtgeýşini hasaba alýan FAO-nyň azyk önüm boýunça çykaran baha indeksi ýanwar aýynda ortaça 131,2 bala ýetdi. Häzirki wagtda bu indeks 2022-nji ýylyň dekabr aýy bilen deňeşdirilende, 0,8 göterim peseldi. Bu bolsa indeksiň 2022-nji ýylyň mart aýyndaky ýeten iň ýokary görkezijisinden 17,9 göterim pesdir.

Habar berlişine görä, ösümlik ýagynyň, süýdüň we şekeriň bahasynyň düşmegi umumy görkezijiniň peselmegine sebäp bolupdyr. Galla we et önümleriniň bahalary öňki durnuklylygyna galypdyr.

Ýanwar aýynda ösümlik ýagynyň bahasy 2,9 göterim, süýt önümleriniň bahasy 1,4 göterim, şekeriň bahasy 1,1 göterim, etiň bahasy bolsa 0,1 göterim arzanlady.

FAO-nyň galla önümleriniň bahasynyň görkezijisi 2022-nji ýylyň dekabr aýy bilen deňeşdirilende, 0,1 göterim ýokarlandy.

Aziýanyň tüwi eksport edýän ýurtlarynyň içki bazarlarynda bu önüme bolan islegiň artmagy tüwiniň global bahalaryny 6,2 göterim ýokarlandyrdy.

FAO galla önümçiligi boýunça täze çaklamasyny hem paýlaşdy. Çaklama görä, FAO galla önümçiliginiň 2022-2023-nji ýyllaryň hasyl möwsüminde peselmegine garaşylýar.

**Annatäç ANNATAGANOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.

## TDHÇMB we «Astana» halkara maliýe merkezi hyzmatdaşlygyň ösüşini ara alyp maslahatlaşdylar



4-nji fewralda Aşgabatda Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň wekilleri «Astana» halkara maliýe merkeziniň (AIFC) wekiliýeti bilen mundan beýläk-de hyzmatdaşlygy ösdürmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

AIFC Ýaşyl maliýe merkeziniň müdiri Aýdar Kazybaýew türkmen tarapyna guramanyň alyp barýan işleri barada habar berdi, şeýle hem, tejribe alyşmak we ön-dürijilikli gatnaşygy ýola goýmak üçin Gazagystana çagyrdy.

Türkmen biržasynyň wekili Serdar Berdiýew kärdeşlerini TDHÇMB-de hödürlenen önümler, dellalçylyk ýerlerini satyn almagyň tertibi we nyrhlary bilen tanyşdyrdy. Ondan başga-da, myhmanlar TDHÇMB-de hasaba alynmaga degişli şertnamalaryň görnüşleri barada maglumat aldylar.

«Astana» halkara maliýe merkezi (AIFC) Merkezi Aziýa, Kawkaz, Ýewraziýa ykdysady bileleşigi, Günbatar Hytaý, Mongoliýa, Ýakyn Gündogar we Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetini baglanyşdyrmak maksady bilen, 2018-nji ýyldan bäri hereket edýär. Merkez özboluşly maliýe hyzmatlaryny we maýa goýum usullaryny hödürleýär.

www.tmex.gov.tm




## Azerbaýjanyň ýük-ýolagçy gämisi Türkmenistana geldi

Azerbaýjanyň ýük-ýolagçy gämisi «Zarifa Aliýewa» Türkmenistana geldi. Gämi Türkmenbaşy Halkara portuna bolan ilkinji ýüzüşinde 16 agyrulag we 20 sany ýük tirkegini getirdi. Bu ugur häzirki wagtda synagdan geçirilýär. Geljekde gämi günde bir gezek gatnaw eder.

«2022-nji ýylyň ýanwar — dekabr aýlarynda Türkmenbaşy Halkara deňiz portundan daşalýan üstaşyr ýükleriniň mukdary geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, iki ýarym esse artdy» diýip, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň logistika we marketing bölüminiň başlygynyň orunbasary Ýunus Kakabaýew habar berdi.

Türkmenistan we Azerbaýjan häzirki wagtda Hazar deňziniň mümkinçiliklerinden işjeň peýdalanmak üçin giň gerimli işleri durmuşa geçirýär. Häzirki wagtda Türkmenistandan Azerbaýjana we Türkiýä ulag geçelgesi bar. Oňa «Lapis Lazuli» diýilýär.

www.br.com.tm

BÜTINDÜNÝÄ BANKY: **2022-nji ýylda dünýäde jemi içerki önümiň dolanyşygy 100 trillion amerikan dollaryndan hem köp boldy.**

BÜTINDÜNÝÄ BANKY: **2022-nji ýylda HHR-de jemi içerki önümiň dolanyşygy 17,9 trillion amerikan dollaryndan geçdi.**

## Mahabat



**Agzybirlik Tilsimaty**

«AT Cybersport» — kibersport enjamlarynyň düýbünden täze ugry.

Döwrebap dizaýn, ussatlyk, ergonomika, ösen sazlamalaryň işleýşi... — bular ulanyjy üçin amatly interfeýs enjamlarymyzy kibersport bazaryndaky iň gowularyň birine öwürýär.

**Kibersportuň dartgynly hem gyzykly pursatlaryny ýakyndan duýuň!**

*Aşgabat, Magtymguly şaýoly, 111-nji «A» jaýy.*
*Tel: +993 12 93 44 26*
*e-mail: info@agzybirlik-tm.com*

**Ýokary hilli enjamlar!!!**

**Amatly baha!!!**

**Türkmenistanda öndürilen!!!**




«Aýdyň Gijeler» hojalyk jemgyýeti
Habarlaşmak üçin: **+99312 34 76 80; +99312 34 09 20**
Türkmenistan, Aşgabat ş., T.Gurbanow köçesi, 40.

Möçberi 16 sahypa Formaty A3 A-111035 | Indeksi 169493 | Gazet 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Bahasy 2 manat 50 teňňe 14555 tiraž.

**Biznes reklama**
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi

**BAŞ REDAKTOR**
Seýitmyrat GELDIÝEW

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
Işgärler bölümi: 23-77-93; Buhgalteriýa: 23-77-92;
Mahabat bölümi: 23-77-96; Jogapkär kätip: 23-77-95.

**E.POÇTALAR:** biznes.reklama@list.ru; biznes.reklama.newspaper@gmail.com
**WEB-SAÝTYMYZ:** www.br.com.tm

**BIZIŇ SALGYMYZ:**
Aşgabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 593-nji jaýy.

BELLIK: Gazet Türkmen döwlet Neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmen döwlet Neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi jogap berýär.